# Nurbibi Nazarowanyñ degişmelerinden

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Nurbibi Nazarowanyñ degişmelerinden NURBIBI NAZAROWANYŇ DEGIŞMELERINDEN

- **Buzawdan boldy**

Geçen asyryň 70-80-nji ýyllarynda Nurbibi Murgap etrabynyň Medeniýet öýünde işlän döwürleri, pagtaçylaryň, obada zähmet çekýän daýhanlaryň arasynda konsert bilen çykyş edýän ekenler. Konsert agşam geçirilýändigi üçin yşyklandyryjy çyralar goýulýar. Bu çyralaryň ýagtysyna mör-möjejikler gelýär. Bir günem tomus wagtlary agşamlyk Nurbibi daýhanlaryň öňünde aýdym aýtmaly bolupdyr. Ol joşup aý- dym aýdyp başlapdyr. Şol pursat Nurbibiniň ýakasyna buzaw gelip gonýar. Nurbibi nätjegini bilmän, aljyrap, aýdymyň ýokary çekilip aýdylýan ýerinden başga bir aýdyma geçip gidendigini duýman galýar.
Saz çalyp oturan sazandalar ýeke-ýekeden Nurbibiniň ýanyna gelip, «Näme boldy?» diýip geň galyp, ondan soraýarlar. Aljyran Nurbibi bolsa: — «Hemme zat buzawdan boldy» — diýipdir.

- **Düşünmezlik**

Bir günem Nurbibini Lebap welaýatyndaky garyndaşlary toýa çagyrypdyr. Nurbibi toýa gitmek üçin taýýarlyk görüp ýörkä, teatrda bi- le işleýän artistleriniň biri myhmançylyga barypdyr. Ol myhman bolup gelen artisti Nurbibiniň adamsy Hojamyrat güler ýüz bilen garşy alypdyr. Şonda Hojamyrat myhmana garap:
«Toýda degişme bilen çykyş eder ýaly Lebaba senem äkitjek, seň ýanyň bilen kelem» diýen- de, Nurbibi durup bilmän: «Marydan äkider ýaly, näme, Lebapda kelem ýokmy?» diýipdir. Şonda Hojamyrat gelen myhmana garap: «Men iýilýän keleme aýdamok,

siz bilen bile işleýän saçy düşen artist Kakageldini äkideli diýýän» diýip gülüpdir.

## ■ Amanat

Nurbibi Aşgabatda ýaşaýan jorasynyň toýuna gitmek üçin demir ýol menziline gelýär. Ol menzilden petek alyp, öz küpesine girýär. Şol küpede başga-da üç sany gelin, ýagny eltiler münýär, ýaňky elti gelinleriň biri aýagaldygyna kellesini iki ýana ýaýkap, bir eli bilen bolsa ýakasyndaky gülýakasyna elini degirýär-de, aýyrýar. Bu hereketi ýaňky gelin zol gaýtalap otyrmyş. Nurbibi onuň hereketlerine çydam edip bilmän:
– Gelneje! Kelläňi ýaýkaýaň welin, näme, ýaraňokmy? – diýýär.
ýaňky gelin Nurbibä pyşyrdap:
– Ýok-la, dogan, bizem toýa barýas, gulagymdaky ysyrga bilen gülýakany amanat, ýagny wagtlaýynça dakynmak üçin aldym. Kellämi ýaýkasam, ysyrgam alkymyma degýär. Onsoň gülýakamyň bardygyny bilip ynjalýaryn – diýip jogap beripdir. Nurbibi bu gelniň ugurtapyjylygyna başyny ýaýkap ýylgyraýýar.

## ■ «Habarym ýok»

Bir gün Nurbibi Nazarowa adamsy bilen kinoteatra kino tomaşa etmäge gidýär. Görkezilýän filmi onuň adamsy öň gören eken. Nurbibi gelneje bilesigeljilik bilen ondan wakanyň näme hakda gidýändigini zol-zol sorap durupdyr.
– Ol oglan gyza söýgüsini bildirýärmi?
– Hawa.
– Gyzyň ejesi olaryň toýuna garşy bolanokmy?
– Ýok.
– Olar filmiň soňunda toý edýärlermi?
Onuň sowallaryna çydap bilmän, adamsy:
– Hawa, toý hem edýärler. Toýlaryna myhman baryny hem çagyrýarlar. Ýöne olaryň edil häzir nähili ýaşaýandygy hakynda asla habarym ýok – diýip ýylgyrypdyr.

## ■ «Entek-entekler ýere düşmese gerek»

Bir gün Nurbibi gelnejäniň uzyn boýly bir işdeş jorasy durmuşa

çykypdyr. Toýda gyzyň gülüni gapmak üçin ýygnanan gyzlar: «Men gapjak-da, men gapjak» bolşup duran eken. Olary gören Nurbibi gelneje:

– Gyzlar, özüňizi dürsäp arkaýyn duruberiň. Maýa janyň zyňan güli entek-entekler ýere düşmese gerek – diýip ýylgyrypdyr.

### ■ «Bular tanap seredýändirler…»

Birgün Nurbibi Nazarowa işe barýarka oňa öňünden çykan dykgat bilen seredýärmişin. Ol hem artist adam-da, öz içinden: «Bular meni tanap seredýärler» diýip, pikir edip gelýär diýýär. Hatda ýöreýşini hem birazajyk haýalladyp, töweregine buýsanç bilen garapdyr. Ýöne işe gelip, aýna seretse, gözlerine ynanmandyr. Asyl ol öýde öz döredýän keşbine berlip, paltosynyň iliklerini ters dakan bolsa näme. Degişmeler